# Nobat hem robot

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nobat hem robot NOBAT HEM ROBOT

*(Biziñ günlerimiziñ ýañyltmajy)*

Gezelenje gidende daşary ýurda Nobat,
Robot satýan dükandan alyndy robot.
Öýlerine getirip, diýdi Nobat robota:
– Indi şu günden şeýläk, sen gidip magazine,
Sen durarsyñ nobata!

Şeýdip Nobatyñ getirdi bagty,
Nobata durup, ýitenok wagty.
Keýpi-de gowy, çytanok gaşyn,
Birkemsiz edýär etmeli işin.
Boş wagty joşup, goşgujyk düzýär,
Robot günuzyn magazin gezýär:
Bir ýerde durup uly nobata,
Mesgejik tapyp gelýär Nobata,
Bir ýerde durup uly nobata,
Ýumurtga tapyp gelýär Nobata.
Bir ýerde durup uly nobata,
Kolbasa tapyp gelýär Nobata.
Bir ýerde durup uly nobata,
Biraz et tapyp gelýär Nobata.
Bir ýerde durup uly nobata,
Köýnekdir-balak alýar Nobata
Tapdyryp duran zatlar robota,
Garaz bir mydar bolýar Nobata.

Satyjylaryñ ýüzleri agyr,
It deý jabjynyp, edýärler wagyr.
Ütüp bilseler, derrew ütjekler,
Beýniñi oýnap, däli etjekler.
Kän-kän adamlar bolýarlar bibat,

Ähli azaba çydaýar robot.
Gaýtargysyny aldatman alýar,
Käte zat tapman, borram-boş gelýär…

Barha köpelip dyknyşyk-nobat,
Kem-kem ejizläp ugrady robot:
Bir gün puluny çildirip geldi,
Bir gün goluny ýolduryp geldi,
Bir gü n döwdürip geldi çep gözün.
Şondan soñ erbet duýdy ol özün…

Magazinleñ elhenç nobatyn
Sandan çykardy kämil roboty.
Başyny sypap dostunyñ Nobat,
Diýdi: – Sen meni bagyşla, robot!

Hemra ŞIROW. Goşgular